Türkmenistanyň Prezidenti Serdar BERDIMUHAMEDOW:
— MILLI MEDENIÝET WE SUNGAT HÄZIRKI DÖWÜRDE JEMGYÝETIMIZIŇ RUHY GÜÝJÜNE, ÝURDUMYZYŇ DÖREDIJILIK KUWWATYNA ÖWRÜLÝÄR.

EDEBIÝAT WE SUNGAT

ESASLANDYRYJYSY — TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETI

№ 12 (4440). 2023-nji ýylyň 24-nji marty Anna

ALYSDAKY ÝAKYN ÝÜREK

Hormatly Prezidentimiziň dostlukly Katar Döwletine döwlet sapary barada buýsançnama

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe hormatly Prezidentimiziň baştutanlygynda «Açyk gapylar» syýasatynyň işjeň häsiýetde alnyp barylmagy netijesinde öňe sürülýän we durmuşa geçirilýän milli, sebit we dünýä ähmiýetli başlangyçlar üstünliklere beslenýär. Bu babatda Katar Döwleti bilen alnyp barylýan gatnaşyklar ikitaraplaýyn bähbitli häsiýete eýe bolup durýar. Türkmenistan bilen Katar daşary syýasat ulgamynda Birleşen Milletler Guramasy, Yslam Hyzmatdaşlyk Guramasy, Goşulyşmazlyk Hereketi ýaly abraýly halkara guramalarda işjeň hyzmatdaşlyk edýärler. Türkmenistanyň başlangyjy bilen BMG-niň Baş Assambleýasy tarapyndan kabul edilen oňyn Bitaraplyk, öňüni alyş diplomatiýasy, durnukly ulag ulgamynda hyzmatdaşlyk etmek we sport ulgamy ýaly möhüm meseleler boýunça Kararnamalaryň awtordaşy hökmünde çykyş edendigi bolsa iki ýurduň umumadamzat ähmiýetli meselelere çemeleşmeleriniň birmeňzeşdigini subut edýär.

Häzirki döwürde Türkmenistan Katar bilen köptaraplaýyn esasda, abraýly halkara, sebitleýin guramalaryň we düzümleriň ugry boýunça üstünlikli gatnaşyk edýär. Türkmen halkynyň Milli Lideri Gurbanguly Berdimuhamedowyň döwlet Baştutany hökmünde 2010-njy ýylda Doha şäherine bolan resmi saparynda türkmen-katar hyzmatdaşlygyny toplumlaýyn esasda ösdürmegiň binýady goýuldy. 2011-nji ýylyň ýanwarynda döredilen Söwda-ykdysady hyzmatdaşlyk boýunça hökümetara türkmen-katar topary ikitaraplaýyn gatnaşyklary ösdürmegiň guraly hökmünde çykyş edýär. Hormatly Prezidentimiziň Katar Döwletine döwlet sapary hem iki ýurduň, iki dostlukly halkyň bähbidine gönükdirilen netijelere baý boldy.

Arkadagly Serdarymyzyň dostlukly ýurda döwlet saparynyň dowamynda geçiren ýokary derejedäki duşuşyklarynyň netijeleri, şonuň ýaly-da Türkmenistanyň Doha şäherinde ýerleşýän ilçihanasynyň açylmagy uzak möhletleýin esasda ýola goýulýan türkmen-katar gatnaşyklarynyň ösdürilmegine täze depgin berer.

Kataryň Söwda-senagat edarasynyň, Işewürler assosiasiýasynyň, «Delta Group», «Turnkey Trading and Contracting», «Shaheýen Al Mohannadi Group», «Bin Twar Group» ýaly öňdebaryjy kompaniýalarynyň we maýa goýum edaralarynyň ýolbaşçylary bilen geçiren duşuşygynda hormatly Prezidentimiz energetika, oba hojalyk toplumy, dokma pudagy, ylmy we innowasion önümçilikler, şäher gurluşygy, energiýanyň gaýtadan dikeldilýän çeşmelerini ulanmak ýaly pudaklarda maýa goýum işini ösdürmegiň mümkinçiliklerini giňişleýin ara alyp maslahatlaşmaga, söwda-ykdysady ugur boýunça hyzmatdaşlyk mümkinçiliklerini entek doly möçberde ulanylmaýandygyna aýratyn üns çekdi. Şunuň bilen baglylykda, hormatly Prezidentimiz bilelikdäki işewürler geňeşiniň döredilmeginiň wajyplygyny, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler birleşmesiniň Kataryň telekeçiler birleşmesi bilen göni gatnaşyklary ýola goýmaga, şeýlelikde, işewürlik binýatlaryny pugtalandyrmaga taýýardygyny aýtdy. Döwlet Baştutanymyzyň Türkmenistanda durmuşa geçirilýän giň möçberli taslamalara maýa goýumlary çekmek, garyşyk önümçilikleri döretmek häzirki zaman hyzmatlar ulgamyny emele getirmek üçin uly mümkinçilikleri açýandygy barada aýdanlary iki ýurduň arasyndaky hyzmatdaşlyklarda täze döwrüň başlanýandygynyň görkezijisidir. Geljekde şeýle öňdengörüjilikli tekliplerden gözbaş alan täze başlangyçlaryň netijeleriniň iki dostlukly halkyň durmuşynyň gülläp ösüşinde öz beýanyny tapjakdygyna berk ynanýarys.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow bilen Kataryň Emiri Şeýh Tamim bin Hamad Al Taniniň arasynda geçirilen gepleşigiň dowamynda iki ýurduň arasynda söwda-ykdysady hyzmatdaşlygy hil taýdan täze derejä çykarmak, özara haryt dolanyşygyny artdyrmak ýaly uzak geljegi nazarlaýan teklipler öňe sürüldi. Ýangyç-energetika toplumy, senagat we söwda, ulag-aragatnaşyk, ýokary tehnologiýalar, maýa goýumlar, gurluşyk, syýahatçylyk ulgamlary döwletara hyzmatdaşlygyň has ileri tutulýan ugurlarynyň hatarynda bellenildi. Hormatly Prezidentimiz iki ýurduň arasynda nebit, dokma senagatynda, ulag-logistika ulgamynda maýa goýum hyzmatdaşlygynyň ösdürilmeginiň maksadalaýyk boljakdygyny belläp, katarly hyzmatdaşlary halkara taslamalary amala aşyrmaga has işjeň we netijeli gatnaşmaga çagyrdy. Arkadagly Serdarymyzyň ylym, bilim, medeniýet ulgamlaryndaky hyzmatdaşlygy güýçlendirmegiň iki halkyň arasyndaky dostlugy berkitmäge ýardam berýän örän möhüm şertdigi barada aýdanlary asyrlar içre dowam edip gelýän ynsanperwer ýörelgelerimiziň bu günki gün daşary syýasatymyzda dowam tapýandygyny ýene bir ýola dünýä ýaýdy. Iki ýurduň arasynda däbe öwrülen dostlukly gatnaşyklaryň gerimininiň geljekde has-da giňejekdigine hormatly Prezidentimiziň döwlet saparynyň netijeleri boýunça gol çekilen resminamalardan hem aýdyň görmek bolýar.

Hormatly Prezidentimiziň Katara döwlet sapary täsirli pursatlara baý boldy. Arkadagly Serdarymyzyň daşary ýurtlara resmi we döwlet saparlarynda şol ýerleriň ylym-bilim ojaklaryna baryp görmegi biz — mugallymlarda uly täsir galdyrýar. Bilim, ylym we jemgyýetçilik ösüşi boýunça katar gaznasyna barmagy hem bizde şeýle täsirleri döretdi. 1995-nji ýylda Şeýh Hamad bin Halifa Al Taniniň Permany esasynda döredilen, 50-den gowrak bilim we ylmy-barlag edaralarynyň döredilmegine howandarlyk eden, köpugurly innowasion merkez bolup durýan bu gaznanyň ýerli alymlaryň jemlenýän paýhas ojagydygy örän täsirli. Barlag we jemgyýetçilik merkezleri, öňdebaryjy halkara ýokary okuw mekdepleriniň şahamçalary hereket edýän «Bilim şäheri» baradaky maglumatlary synlanymda, Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersiteti, Türkmenistanyň DIM-niň Halkara gatnaşyklary instituty, Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersiteti ýerleşip, paýtagtymyzyň merkezinde giden bir giňişlikde ýaýraw ýasan bilimler mekanyny ýadyma saldy. Iň guwandyryjy ýeri, şeýle ajaýyp şertleriň ýurdumyzda yzygiderli döredilýändigi. Arkadagly Serdarymyzyň daşary ýurtlara döwlet we resmi saparlarynyň her birinde ol ýerleriň ylym, bilim, medeni ojaklarynyň ýeten derejeleri bilen içgin tanyşmagy, dünýäniň iň bir ösen täzeçilliklerініň ilkinjileriň hatarynda biziň ýurdumyzyň talyplaryna, alymlaryna elýeterli boljakdygy baradaky buýsançly pikiri kalbyňa doldurýar.

Hawa, ýurtlaryň arasyndaky gatnaşyklar agzybirlik ýollaryny berkidýär. Hormatly Prezidentimiziň Katar Döwletine döwlet saparynyň dowamynda gazanylan ylalaşyklar hem iki ýurduň arasyndaky dostlukly gatnaşyklary ösdürmekde täze itergi berer.

Oguljeren HANSARYÝEWA,
Türkmenistanyň Telekommunikasiýalar we informatika institutynyň mugallymy.

ÄHLUMUMY DEMOKRATIK SAÝLAWLAR

26-njy martda ýurdumyzda geçiriljek saýlawlar raýatlarymyzyň syýasy işjeňligini ýene bir gezek dünýä aýan eder

Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe Arkadagly Serdarymyz tarapyndan saýlaw ulgamyna aýratyn uly üns we ýardam berilýär. Bu babatda hormatly Prezidentimiz: «Türkmen döwletiniň, milli jemgyýetiň syýasy-hukuk esaslaryny kämilleşdirip, milli demokratiýany çuňlaşdyrmak, raýat jemgyýetini ösdürmek, halkymyzyň syýasy işjeňligini artdyrmak ugrundaky we saýlaw ulgamynyň işiniň ösdürilmegine, bu ugurda dünýä tejribesiniň giňeldilmegine ýardam berjek çäreleri işläp düzeris» diýip, parasatlylyk bilen belläp geçdi. Biziň ýurdumyzda saýlawlar erkin, demokratik ýol bilen, bäsleşik esasynda geçirilýär. Ynha, öňümizde-de ýurt üçin ähmiýetli, halk üçin bähbitli wakalaryň biri — Türkmenistanyň Mejlisiniň deputatlarynyň, welaýat, etrap, şäher halk maslahatlarynyň we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary dur. Bilşimiz ýaly, saýlawlar boýunça dalaşgärleri hödürlemek möwsümi şu ýylyň 24-nji fewralynda, degişli saýlaw toparlary tarapyndan dalaşgärleri bellige almak işleri bolsa 28-nji fewralda tamamlandy we dalaşgärlere şahsyýetnamalar gowşuryldy. Bellige almak saýlawlara elli gün galanda başlanyp, ýigrimi bäş gün galanda tamamlanýar. Saýlawlar boýunça döredilen saýlaw okruglaryna bir orna birnäçe mynasyp dalaşgär hödürlenildi. Munuň özi ýurdumyzda saýlawlaryň bäsleşik esasynda geçýändiginiň aýdyň subutnamasydyr.

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 44-nji maddasyna laýyklykda, dalaşgärleri hödürlemek işlerine Türkmenistanyň Demokratik partiýasy, Türkmenistanyň Senagatçylar we telekeçiler partiýasy, Türkmenistanyň Agrar partiýasy we degişli saýlaw okruglarynyň çäginde ýaşaýan raýatlar toparlary gatnaşdylar. Şeýlelikde, ýurdumyz boýunça saýlaw okruglarynyň jemi 7222-si döredildi. Ýagny Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary boýunça 125 welaýat, Aşgabat şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary boýunça 240 etrap, etrap hukukly şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň saýlawlary boýunça 960 we Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary boýunça 5897 saýlaw okrugynda dalaşgärler bäsleşerler.

Şu günki güne çenli Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 48-nji maddasyna laýyklykda we saýlaw möwsüminiň açyklyk, aýanlyk şertlerini üpjün etmek maksady bilen, saýlaw okruglary boýunça bellige alnan dalaşgärler baradaky maglumatlar, olaryň terjimehaly köpçülikleýin habar beriş serişdeleri arkaly ilatyň dykgatyna ýetirildi. Bu möhüm syýasy çäre bilen baglanyşykly wagyz işleriniň çäklerinde, bellige alnan dalaşgärleriň saýlawçylar bilen duşuşyk ýygnaklary giň gerime eýe boldy. Onda dalaşgärler özlerine berlen deň mümkinçiliklerden we hukuklardan peýdalanyp, öz maksatnamalary bilen çykyş etdiler.

Türkmenistanda Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň halkara syńçylary hökmünde uzak möhletleýin gelen wekiller hem-de onuň edarasy 8-nji martdan öz işine başlady. Ýekşenbe güni geçiriljek saýlawlara syn etmek üçin gelen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň syńçylar topary saýlawlara syn etmäge gatnaşjak halkara syńçylar toparyny düzdüler. Onuň düzümine GDA gatnaşyjy döwletleriň Merkezi saýlaw toparlarynyň, Arkalaşygyň ýurtlarynyň Parlamentleriniň, GDA gatnaşyjy döwletleriň Parlamentara Assambleýasynyň, GDA-nyň Ýerine ýetiriji komitetiniň, diplomatik wekilhanalaryň wekilleri girýär.

Ýewropada Howpsuzlyk we Hyzmatdaşlyk Guramasynyň (ÝHHG) Demokratik institutlar we adam hukuklary baradaky býurosynyň saýlawlar boýunça baha beriş topary türkmen tarapynyň çagyrmagy boýunça ýurdumyza geldi. Halkara syńçylar toparynyň wezipesi saýlaw möwsüminiň milli kanunçylyga laýyk gelşine baha bermekden, erkin we demokratik saýlawlaryň geçirilmegine ýardam etmekden ybaratdyr. Syńçylar toparynyň wekilleri öz ygtyýarlyklarynyň çäklerinde geçiriljek möhüm syýasy-jemgyýetçilik çärä guramaçylykly taýýarlyk görlüşine syn etmek maksady bilen ýurdumyzyň welaýatlaryna iş saparyny amala aşyrdylar.

2 →

KÖŇÜL BILEN KEŞT EÝLÄP...

20-nji martda Aşgabadyň «Arçabil» myhmanhanasynyň mejlisler jaýynda «Türkmenistanda syýahatçylygy ösdürmegiň esasy ugurlary we mümkinçilikleri» atly halkara maslahat öz işine başlady. Halkara forum dünýäniň ençeme döwletleriniň syýahatçylyk ulgamynyň hem-de myhmanhana toplumlarynyň belli hünärmenlerini bir ýere jemledi.

Bu günki günde Garaşsyz, hemişelik Bitarap Türkmenistan taryhymedeni, tebigy ýadygärliklere baý ýurtlaryň biri hökmünde giňden tanalýar. Halkara forumda çykyş edenler Türkmenistanyň Prezidenti Serdar Berdimuhamedowyň alyp barýan içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlarynyň biriniň syýahatçylyk bilen baglydygyny uly buýsanç bilen beldediler. Asyrlaryň ýaňyny özüne siňdiren gadymy Köneürgenç, Nusaý, Merw ýaly şäherleriň ÝUNESKO-nyň Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilmegi aýratyn bellenilmäge mynasypdyr. Paýtagt şäherimiz Aşgabadyň görküne görk goşýan Oguz han suw çüwdürimler toplumynyň, Älem medeni-dynç alyş merkeziniň, Olimpiýa şäherçesindäki türkmen bedewiniň heýkeliniň Ginnesiň Bütindünýä rekordlar kitabyna girizilmegi hem bu aýdylanlara şaýatlyk edýär.

Türkmenistanyň Medeniýet ministrliginiň wekiliniň, Bolgariýa Respublikasynyň «Ayrycta», Özbegistan Respublikasynyň «Asia Adventures», Hytaý Halk Respublikasynyň «Şanhaý Intercontinental», Horwatiýanyň «Pointer Travel DMC» ýaly iri kompaniýalarynyň we kärhanalarynyň hünärmenleriniň hem-de Bütindünýä mirasynyň sanawyna girizilen şäherleriň Guramasynyň, Aziýa — Ýuwaş Ummany sebiti boýunça sekretariýatynyň Medeni miras boýunça geňeşçisiniň çykyşlary many-mazmuna baýlygy bilen tapawutlandy. Olar syýahatçylyk ulgamynyň kämilleşmegi üçin häzirki zaman myhmanhanalar toplumynyň uly ähmiýete eýedigini bellemek bilen, bu ugurda Türkmenistanyň baý tejribe toplandygyna ünsi çekdiler.

Halkara foruma gatnaşyjylar Aşgabadyň muzeýlerinde saklanylýan milli gymmatlyklarymyzy synladylar. Milli bahar baýramy — Halkara Nowruz güni mynasybetli Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabynyň çägindäki Nowruz ýaýlasynda geçirilen dabaralara gatnaşdylar. Şeýle-de deňiz merjeni «Awaza» milli syýahatçylyk zolagynda alnyp barylýan döwrebap işler bilen tanşyp, Hazar deňzi boýunça gämide gezelenç etdiler. Üç gün dowam eden halkara forum 22-nji martda «Awaza» milli syýahatçylyk zolagyndaky «Berkarar» myhmanhanasynda öz işini tamamlady.

Meretgylyç ÝAGMYROW,
«Edebiýat we sungat».

ÝAÝLADAN ÝAÝYLAN ÝALKYM

Ýurdumyzda Nowruz baýramy uly toý-dabara beslendi

21-nji martda Ahal welaýatynyň Ak bugdaý etrabyndaky «Nowruz ýaýlasynda» dabaralandyrylan, Birleşen Milletler Guramasynyň Bilim, ylym we medeniýet meseleleri boýunça guramasynyň (ÝUNESKO) Adamzadyň maddy däl medeni mirasynyň sanawyna girizilen Nowruz baýramy Garaşsyz Diýarymyzyň parahatçylygynyň, ynsanperwerliginiň, bagtyýar halkymyzyň milli däp-dessurynyň, köňül gözelliginiň ajaýyp aňladylmasy boldy. Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedowyň baýramçylyk Gutlagynda Nowruz baýramynyň halklary doganlaşdyrýan, hoşniýetli gatnaşyklary rowaçlandyrýan binýat bolup durýandygy nygtalýar.

Gözümiziň öňünde türkmen baharynyň täze öwüşginleri uzalyp gitmek bilen, göýä bagt guşlary gonan ýaly, ak öýleriň syrgynly hatarlary ýaýlany nagyşlaýar. Owadan sekiler, mal doly agyllar, atarylan toý gazanlary — goýny gadyrly türkmen obasy peýda bolýar. Gündogar bazarynyň janlandyrylan keşbini synlap, hereketiň bahardadygyna, berekediň bazardadygyna aýdyň göz ýetirýärsiň.

Hökümet agzalarynyň, Mejlisiň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, Türkmenistanda işleýän daşary ýurtlaryň we halkara guramalaryň diplomatik wekilhanalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň ýolbaşçylarydyr wekilleriniň gatnaşmagynda Nowruz baýramynyň syýasy-döwlet ähmiýeti aýdyň bolup, ol adamzat ýaşaýyş-durmuşynyň diňe döretmek, gurmak bilen täzeçillige gol berip, milli däp-dessurlary berkitmekden ybaratdygy hakyndaky belent duýgyny ýüze çykarýar.

Türkmen obasyndaky baharyň buşlukçysy bolan terçek nahallaryň süýt reňk gülleri, üzüm baglarynyň zümerret kimin ýaşyl reňki, bahar gülleriniň gülşen-bossanlygy daş düşelen ýodalaryň gyrasyny jähekleýär. Jykyr işledýän, çäji harpykdan saýlaýan, ýazky ekişi geçirýän daýhanlaryň belent ruhy bahar hem toý joşgunynyň bereketrysgalyny alamatlandyrýar. Şeýle milli däplerimiz:

ekerançylykda, maldarçylykda we senetçilikde, zergärçilikde, amaly-haşam sungatymyzda, täze gelne kürte atmagyň täsinligine bezenen toý dessurlarymyzda, türkmen tagamlarynyň taýýarlanyşynda, milli oýunlardyr ümelerde, Nowruz däplerinde aýdyň şöhlelendirildi.

«Nowruz geldi bu bagtyýar Diýara» atly sahnalaşdyrylan çykyşlar Nowruz baýramynyň çuňňur many-mazmunyny sungatyň keşbinde açyp görkezdi. Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatrynyň artistleriniň Beýik seljuk-türkmen soltany Mälik şanyň tabşyrygy boýunça Omar Haýýamyň «Nowruznama» eserini ýazandygyny we onuň alymlar tarapyndan goldanylandygyny tekrarlaýan görnüşini janlandyrmagy ony synlanlarda uly sungat täsirini döretdi. Arheologik tapyndylaryň taryhynyň beýan edilmegi bolsa ýurdumyzyň baý milli mirasyna bolan buýsanjyny artdyrdy.

Nowruz baýramçylygynda «Galkynyş» milli at üstündäki oýunlar toparynyň çykyşlary, ýurdumyzyň sungat ussatlarynyň belent heňli owazlary baharyň älemgoşar ýaly öwüşginlerine täze bir ruhy joşgunlyk çaýdy. Berkarar döwletiň täze eýýamynyň Galkynyşy döwründe ýurdumyzda giňden baýram edilen Halkara Nowruz güni hormatly Prezidentimiziň parasatly ýolbaşçylygynda bagtyýar halkymyzyň täze belentliklere tarap ynamly hem rowaç gadamlar bilen barýandygyny dabaralandyrdy.

Ýörite habarçymyz.

MAGTYMGULY PYRAGYNYŇ DOGLAN GÜNÜNIŇ 300 ÝYLLYGYNA

Anastasiýa PAWLOWA,
rus şahyry.

ASYRLARYŇ ARASYNDAN...

Asyrlary paýhas bilen ýaşadan,
Onda Türkmenistan ajap görünýär.
Akyl damjalary düşen ýagyş deý
Magtymguly gurdy täze bir dünýä.

Onda her bir jogap açyk hem aýdyň,
Her bir türkmen şol dünýäniň nurudyr.
Hakydadan ony Ýer-göge ýaýdyk:
Magtymguly müdimidir, diridir!

Türkmenistan paýhasyňda ýaşaýar!
Meňli gyzyň yşky deňiz mysaly.
Halypa aryf siz, baky beýik siz,
Şygryýetiňiz Aýyň şuglasy ýaly.

Ak Güni dogdurýan säher şygryňyz,
Onda ýaşaýyşyň başky dänesi.
...Asyrlaryň arasyndan görünýär,
Magtymgulyň baky paýhas dünýäsi!

ŞYGRYÝETIŇ HALYSY

Hazaryň kümüşsöw keşbine meňzäp,
Açylýar ter gül deý her gün säherde.
Müdimi setirler misli päk howa,
Ýagşylygy ýaýýar: «Boluň mähirde!».

Gudrat hem erk dana Magtymgulyda,
Hormat hemem şöhrat beýik şahyrda.
Diwanyndan dünýä dolýar parasat —
Beýik kämilliginiň güýji bar syrda.

Türkmeniň sözi ol! Parlaýan Baýdak!
Ol köňül ýollary — dünýä hoş indi.
Hakyda ol — beýik ykbala baýdyr,
Şahyr ýaşap, döretmegi başardy.

Tagzym edýär parasata nesiller,
Her setiri gudrat saýyp okalýar.
...Göýä türkmen halysy deý ak bagtyň,
Geň çitimi ÝÜREKLERDE DOKALÝAR!

Rus dilinden terjime eden
Süleýman ILAMANOW.

DEMOKRATIK ÝÖRELGELI SAÝLAWLAR

26-njy martda ýurdumyzda geçiriljek saýlawlar raýatlarymyzyň syýasy işjeňligini ýene bir gezek dünýä aýan eder

1

Olar welaýatlardaky okrug saýlaw toparlarynda Mejlisiň deputatlarynyň saýlawlary bilen baglanyşykly alnyp barylýan işler barada okrug saýlaw toparynyň agzalary bilen söhbetdeş boldular. Şeýle-de döredilen saýlaw uçastoklarynyň birnäçesine baryp gördüler. Wekiller uçastok saýlaw toparlarynyň agzalarynyň taýýarlyk derejesine we saýlaw uçastoklarynyň enjamlaşdyrylyşyna ýokary baha berdiler. Şeýle-de saýlawlara şunuň ýaly syn etmek işlerine Türki döwletleriň guramasynyň, ŞHG-niň, YHG-niň wekilleri gatnaşdylar we bu möhüm syýasy çärä ýokary baha berdiler.

Türkmenistanyň Saýlaw kodeksiniň 73-nji maddasyna laýyklykda, öňünden ses bermek 16-njy martda başlandy. Saýlaw güni haýsydyr bir sebäplere görä, öz saýlaw uçastogyna gelip, ses berip bilmejekler hem-de Türkmenistanyň daşary ýurtlardaky diplomatik wekilhanalarynyň, konsullyk edaralarynyň ýanynda döredilen saýlaw uçastoklarynda saýlawçylaryň öňünden ses bermek hukuklaryny üpjün etmek üçin ähli şertler döredildi.

Ýurdumyzda kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýan wekilçilikli edara bolan Mejlisiň deputatlarynyň, welaýat, welaýat hukukly şäher we etrap, etrap hukukly şäher halk maslahatlarynyň agzalarynyň, ýerli öz-özüňi dolandyryş edaralary bolan Geňeşleriň agzalarynyň saýlawlary Türkmenistanyň Halk Maslahatynyň Başlygy, Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy bilen ýurdumyzda ýaýbaňlandyrylan parlamentiň we kanunçylygyň ösüşinde, hormatly Prezidentimiziň — Arkadagly Serdarymyzyň baştutanlygynda durmuşa geçirilýän demokratik özgertmeleriň ýolunda täze ädim bolar. Bu başlangyçlaryň üstünlikli amala aşyrylmagy häzirki türkmen jemgyýetinde çuň özgertmeleri durmuşa geçirmegiň binýatlyk esaslarynyň üpjün ediljekdiginden nyşandyr.

Goý, döwletimiziň demokratik-hukuk binýady has-da berkesin! Parahat ýurdumyzyň abraý-mertebesini belende galdyrjak, halkymyza mynasyp hyzmat etjek dalaşgärler saýlansyn!

Hekimberdi ÖWEZOW,
Türkmenistanyň Merkezi saýlaw toparynyň edarasynyň sekretar-referenti.

MEDENI HABARLAR

BAHARYŇ BAÝRAMÇYLYK SERGISI

Golaýda Türkmenistanyň Çeperçilik sergiler müdirligi we şekillendiriş sungatynyň sergi merkezinde Milli bahar baýramy mynasybetli «Nowruz gelse äleme» diýen at bilen ýurdumyzyň suratkeşleriniň, heýkeltaraşlarynyň we amaly-haşam sungatynyň ussatlarynyň döredijilik sergisi guraldy. Sergide T.Eýýämberdiýewiň, B.Gurbansähedowyň, A.Çakanowanyň, B.Pirgulyýewanyň, A.Babatäjiýewanyň we beýlekileriň türkmen tebigatynyň gözelliklerini, bahar paslynyň al-elwan güllerini suratlandyrýan «Bahar», «Gülälekler», «Çeşmeler», «Pyntyk ýaran baglar» ýaly eserleri ýaýbaňlandyryldy.

Ýörite habarçymyz.

ÝAZ ÝAKYMLY DABARA

Ýakynda Saýat etrap medeniýet bölüminiň, etrap häkimliginiň bilelikde guramagynda etrabyň 30-njy orta mekdebinde «Ilime Nowruz gelende» atly aýdym-sazly dabara geçirildi. Çärede etrap medeniýet bölüminiň müdiri Baýram Gurbanow, Türkmenistanyň ussat mugallymy Annamuhammet Garaýew, Türkmenistanyň Hormatly il ýaşulusy Ereş Talypow, Annanur Gulow we beýlekiler söz sözläp, ýygnananlary Nowruz baýramy bilen tüýs ýürekden gutladylar. Gadymy hem müdimi Nowruz baýramynyň döreýşi, Nowruzda berjaý edilýän däp-dessurlar hakda giňişleýin durup geçdiler. Soňra medeniýet işgärleridir okuwçylar Nowruz baýramy bilen bagly yrymlary teswirlediler, monjugatdy oýnuny ýerine ýetirdiler. Eziz Watanymyzy wasp edýän goşgudyr aýdymlary aýtdylar.

Dabaranyň dowamynda «Älem gülüstandyr bu gün» atly kitap sergisi-de guraldy.

Gurbansoltan GURBANOWA,
Saýat etrabyndaky 30-njy orta mekdebiň mugallymy.

USSADYŇ SUNGATDAKY YZLARY

Iň gadymy sungatlaryň biri bolan teatr sungaty ussat artist bilen birlikde kyssaçynyň, şahyryň, sazandanyň, nakgaşyň... yhlas-zehininden kemala gelýär. Şeýle köpugurly türkmen teatr sungatynyň ajaýyp sahna eserleri bilen baýlaşmagyna uly goşant goşan ussatlaryň biri-de Türkmenistanyň halk artisti Aman Gulmämmedowdyr.

Ussatlyga ýetmek ýeňil ýol däl. Ýöne sungatda öz ýoluňy, öz mekdebiňi döredäýmek ussatlaryňam hemmesine ýetdirip baranok. Biziň gürrüňini edýän gahrymanymyz barada gürrüň açylsa welin: «Aman aganyň mekdebi» diýen jümle gaýtalanar durar. Sebäbi Aman aganyň Ýewropa teatr sungatyndan täsirlenip, milli häsiýetli keşp döretmek ussatlygy soňky nesiller üçin uly mekdebe öwrüldi. Milli röwüşli keşplere ýetilýänçä welin öwrümlerden doly uzak ýol geçilipdi...

Aman Gulmämmedow 1908-nji ýylda Ahal welaýatynyň Gökdepe etrabynyň Ýylgynkäriz obasynda dünýä inýär. Ol Gökdepedäki mekdep-internatda, Aşgabatdaky Gündogar sungat mekdebiniň nakgaşçylyk bölüminde okaýar. Soňra Aşgabatda açylan mehanizasiýa tehnikumyna okuwa girýär. Täsin ýeri, Aman Gulmämmedowyň uly sungatdaky uzak ýolunyň gözbaşy hut şu okuw mekdebinden başlanýar. Ol tehnikumdaky teatr gurnagynda goýulýan sahnalarda okuwyny tamamlaýança çykyş edip, zehinli ýaş artist hökmünde ykrar edilýär. Şeýdip ol 1926-njy ýylda teatr studiýasynyň gapysyndan barýar. 1929-njy ýylda bolsa Türkmen döwlet drama teatrynda (häzirki Beýik Saparmyrat Türkmenbaşy adyndaky Baş akademiki drama teatry) işe başlaýar.

Ýaş artist uly sahnadaky uly bahany gojanyň keşbini janlandyryp alýar. Ahwerdowyň «Agaç kölegeleri» atly spektaklynda gaharjaň garrynyň keşbini tomaşaçylar örän gowy garşylaýarlar. Şeýdip teatryň sahnasynda «Garagum çöllerinde» sahna oýnundaky Töre baýyň, «Kel bagşy» atly sahna oýnundaky Gurban çopanyň, «Eskadronyň heläk bolmagyndaky» Gaýdaýyň, «Derňewçidäki» şäher häkiminiň özboluşly keşpleri yzly-yzyna döreýär.



1937 — 1939-njy ýyllarda Moskwanyň çeperçilik akademiki drama teatrynda okamagy A.Gulmämmedowa sahna, keşplere täzeçe nazar bilen garamaga mümkinçilik berýär. Ol ýerde alan bilim-tejribesi zehinli artistiň režissýorçylykda ädim ätmäge bolan maksatlaryna täze ynam bagyş edýär.

A.Gulmämmedowyň türkmen kino sungatynda bitiren hyzmaty hem uludyr. «Dursun», «Çopan ogly», «Uzakdaky gelinlik», «Maşgalanyň abraýy», «Gündogara tarap on ädim» ýaly filmlerdäki keşpleri Aman aganyň adyna kino sungatynyň ussatlarynyň adynyň deňinden hemişelik orun berdi.

Halypa artistiň teatra ýolbaşçylyk eden döwrüni hem döwürdeş edebiýat, sungat işgärleri uly hormat bilen ýatlardylar. «Aman Gulmämmedow ýolbaşçylyk eden döwründe ýazyjy-şahyrlar, sazşynaslar, suratkeşler bilen teatr sahnasynyň arasy ep-esli ýakynlaşdy» diýip, soň-soňlar hem ýatlar ekenler. «Ykbal», «Ýanbermez alžirli», «Gyz salgydy» ýaly onlarça proza eserleriniň ömri hut Aman aganyň ýolbaşçylyk ukyby netijesinde sahnada dowam etdi.

Aman Gulmämmedow türkmen sahnasyna özboluşly reňk çaýan Ependi, Lir, Magtymguly... ýaly keşpleriň 250-den gowragyny döredýär. Onuň «Aýgytly ädimdäki» Iwan Çernyşewi, «Düşewüntli orundaky» Ýusowy, «Ykbaldaky» Myrat agasy-da ussatlygyň gaýtalanmajak derejesi hasaplanylýar. Şekspiriň «Otellosy» welin Aman Gulmämmedowyň döredijilik ýolunda aýratyn orna eýedir. Bu spektakldaky Otellosy üçin ol sahna ussady hökmünde halkara derejesinde ykrar edilýär.

A.Gulmämmedowa 1934-nji ýylda «Türkmenistanyň at gazanan artisti», 1949-njy ýylda «SSSR-iň halk artisti» diýen hormatly atlar dakylýar. 1951-nji ýylda G.Muhtarowyň «Allan aganyň maşgalasy» sahna oýnunda döreden keşbi üçin oňa SSSR-iň Döwlet baýragy gowşurylýar. 1966-njy ýylda W.I.Iwanowyň «Bronepoýezd 14-69» sahna oýnundaky Werşinininiň keşbini döredendigi üçin Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi bolýar.

Hawa, bu günki gün Aman Gulmämmedow, Bazar Amanow, Alty Garlyýew ýaly ussatlaryň döredip giden mekdebinde täze-täze zehinler kemala gelýär. Sahnadaky spektakllar täzelenip dursa-da, ussatlaryň döredijilik ýoly nesiller üçin mekdep bolmagynda galýar. Türkmen teatr sungatynyň düýbüni tutujylaryň biri, meşhur artist, režissýor hem dramaturg, Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Halkara baýragynyň eýesi Aman Gulmämmedowyň adynyň Arkadag şäheriniň döwlet drama teatryna dakylmagy bolsa diňe bir medeniýet, sungat işgärleriniň däl, ähli watandaşlarymyzyň göwün guşuny ganatlandyrdy. Ýakyn ýyllarda ussat halypanyň adyny göterýän teatryň sahnasynda türkmen sungatynyň abraýyny dünýä ýaýjak spektakllar goýlar. A.Gulmämmedowyň nusgalyk mekdeplik sungaty bolsa artistleriň dürli nesilleri üçin ýörelge bolup galar.

Milli sungatymyzy ösdürmäge uly goşant goşan halypalary hatyralap, bu günki nesillere döredijilik ylhamyny bagyş edýän Gahryman Arkadagymyza, Arkadagly Serdarymyza jan saglygyny, uzak ömür, tutumly işlerinde rowaçlyk arzuw edýäris.

Merdan TUWELEÝEW,
Türkmen döwlet medeniýet institutynyň ylym we döredijilik işleri boýunça prorektory.

KYSSA

Gül

(Hekaýa)

Meni obamyza toýa çagyrdylar. Obamyzyň golaýyndan uly ýap geçeli bäri suw bol. Gür baga gark bolup otyr. Şol baglardan ýolnan bägüller toý stolunyň üstüni bezeýär.

Öňler obamyzda suw gytdy. Obamyza gelýän ýap öz suwuny bize ýetirmän, ýolda harçlaýar diýen ýalydy. Şonuň üçinem adamlar melleklerine, suw pagta üçin eşrepi bolup başlaýmanka, sowuljak ekinleri ekýärdiler. Tomsy bilen suwdan gandyrmaly miweli baglar bolsa azdy, aýratynam, bahar aýlary parça-parça bolup açylýan hoşboý ysly bägül ýokdy.

Obamyzyň merkezi böleginden üç kilometr uzaklykda ýerleşýän on-on iki öýden ybarat kiçijik bölegi bardy. Olar näme üçindir uzak wagtlap merkezi bölege göçüp gelmän otyrdylar. Şol on-on iki öýden ybarat bölek uly ýabyň alkymynda ýerleşýärdi. Elbetde, eýdip-beýdip suwarýandyrlar-da, şojagaz oba gür baglyga bürenip otyrdy. Şolaryň oglan-gyzlary bolsa biziň mekdebimize gatnap okaýardylar. Bahar geldigi bes, olar gujak-gujak edip, mekdebe bägül getirerdiler. Ese-boýa galyp başlanymyzdan soň, oglanlar getiren güllerini oglanlara, gyzlar bolsa gyzlara bererdiler. Tersine bolýan wagty seýrekdi. Bardygeldi bolaýsa-da, muny geňläp, uly gürrüň edýänler bardy.

Şol bahar men ýedinji synpda okaýardym. Bir gün irden synp otagyna geldim-de, matematikadan düýnki öýe berlen mysaly işlemäge başladym. Garabaşyma gaý bolup otyrkam öňüme bir desse gül gelip düşdi. Men ýüzümi ýalta galdyranymda, partamyň gapdalynda sekizinji synpda okaýan Tirkiş atly oglan ýylgyryp durdy. Ýüzüm gyzyp gitdi. Biriniň göräýmeginden heder edip, ýalt-ýult töweregime seretdim. Hälem hiç kim ýok ekeni. Men Tirkişiň ýüzüne «Tizräjik git» diýen äheňde, naýynjar seretdim. Ol maňa düşündi.

Bir salymdan soň özümi dürsedim-de, bägül pudagyndan ýörite saýlanyp ýolnan penje-penje gülleri ysgap-ysgap, suwly gaba goýdum. «Bägüli kim getirdi?» diýenlere: «Altynjy synpdaky Jennet getirdi» diýdim. «Jennetden soraýmabilseler ýagşydyr» diýip gara janym galmady.

Ter bägüller agşama çenli süllerdi. Ýöne meniň ýüregimde welin, ýalyn lowlap tutaşdy. Parahat kalbymda jaň kakylana döndi. Oturyp-turup karar tapmasaň nädersiň. Öň saçymy darajak bolanymda, ýüz görýän aýnamy bir ýerden gözläp tapýan bolsam, indi aýnaň öňünden aýrylmasam näme. Ýersiz ýere böküp turmalaryň, hiňlenmeleriň, öz ýanyňdan ýylgyrmagyň sany artdy. Öň meniň ýüregimi gopduryp, göwnümi galkyndyryp bilýän aýly agşam, otluk meýdanlaram indi Tirkiş adynyň kömekçisine öwrüldi.

Synpymyzdaky sülmüreýän gyzlara haýran galardym. Indi özümem şolaryň biri boldum. Mekdebe gelşime derrew Tirkişi köpçüligiň içinden gözläp tapýardym. Iň bolmanda, günde bir görüp galmak üçin mekdebiň daşynda ýa-da uzyn zalyň ugrunda bir zatlara güýmenen bolýardym.

Sekizinji synp dünýädäki synplaryň iň gowusyna öwrülip, şo tarapa seredesim gelip durardy.

Bu ýagdaýy başgalaryň duýmagyndan heder edýärdim. Duýaýsalar, dili uzynlaryň gülümjiräp: «Pylanyny görseň, eräp-akyp barýarsyňla gyz» diýjeklerini magat bilýärdim.

Basym synaglar başlandy. Sekizinji synplaryň mekdebe ýygnanýan wagty bilen biziňki, köplenç, çapraz düşýärdi. Şonuň üçinem men oňa, iň bolmanda ýolda-yzda duşmagyň arzuwynda bolup gezýärdim. Bir gezek Tirkiş bilen pete-pet gabat geldik. Men mekdebiň kitaphanasyndan okar ýaly kitap alyp çykdym, ol bolsa mekdebe gelýär ekeni. Mekdebiň demirgazyk künjüne ýetip barýarkam, ol burçdan bärligine öwrüldi. Duýdansyz duşuşykdan ikimizem aljyradyk. Käwagt birek-biregiň ýüzüne seredişip ýylgyrýardyk. Edil dünýäde gep gutaran ýaly. Onsoň beýdip durmany uslyp bilmän, herimiz ýolumyza ugradyk.

Öýe gelip duşuşan wagtymyzdaky hereketleriň iň ownujaklaryna çenli telim gezek ýatlap çykdym. Tirkişiň diýere gep tapman, ellerini owkalap durşuny, zol-zol eliniň aýasy bilen maňlaýynyň derini çalşyny, gülümjiremesini ýüregimde sansyz gezek elekledim. Onuň göwresine görä uzyn boýnuny, ýörite goýlan ýaly birsydyrgyn dişlerini ýadyma salyp, süýem barmagymy dodagyma ýetirip utanjyraýardym. Şondan soň indi şeýle pursat gabat geläýse, oňa bir sowgat bermegi ýüregime düwdüm. Elýaglygyň bir burçuna gülüň suratyny keşdeläp çekdim. Özem Tirkişiň şol getirýän güllerine meňzetjek bolup azara galdym. Beýleki burçuna bolsa onuň adyny ýazdym. Emma bize Tirkiş bilen gaýdyp ýekelikde duşuşmak miýesser etmedi. Ýylboýy gowy okanlygym kömek edýärdi. Ýogsam bolmasa, synaglara taýýarlanybam ugrum bolmady. Ýolugan «derdim» ýeňil-ýelpaý däl bor-a çemeli.

Her güni ýyla dönen tomusky dynç alyş geçdi. Birinji sentýabrda irgözinden mekdebe bardym. Gapynyň agzynda durup, arzylyma köp garaşdym. Gelmedi. Jaň kakyldy welin, öýke-kineden ýaňa bokurdagym doldy. Partadaşymyň diýýän sözlerini aňşyrman, ýöne başymy ýaýkaýardym. «Aý, belki, zerur işi çykandyr ýa-da ýarawlygy ýokdur» diýip, öz-özüme göwünlik berip, bir güni geçirdim. Emma ikinji günem, üçünji günem Tirkiş gara bermedi. Beýdip ejir çekip ýörmän, gel, şuny Jennetden sorap göräýin-le diýen netijä geldim.

Jennet mekirlik bilen gözüni güldürip: «Onuň kakasy derýanyň gurluşygyna işe geçdi. Olar göçüp gitdiler» diýdi.

Bütin sekizinji synpyň dowamynda onuň adyny dilime sena edinip gezdim. Emma ondan derek bolmady. Ne zat ýazdy, ne gelen-gidenden habar düşdi. Soň wagtyň geçmegi bilen ýüregim düşüşdi. Men ony gaýdyp görmedim. Megerem, ol meniň düşen ýagdaýyma düşen däl bolsa gerek.

Ogultäç ORAZBERDIÝEWA,
ýazyjy.
1979 ý.

SÜTÜNLER

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Sahna siňen ömür

Geçen asyryň segseninji ýyllarydy. «Edebiýat we sungat» gazetiniň kyssa bölüminiň müdiri wezipesine geçiräýen döwürleri gazetiň şol wagtky baş redaktory Kakaly Berdiýew iş otagymyza geldi. «Artist Ata Durdynyň ýetmiş ýaş toýy mynasybetli sahypa taýýarlamaly. Anton (Annaly Berdiýew) bilen sahypaň ugruna çyk!» diýibem çykyp gitdi.

Puryja az. Birki günüň içinde ähli zady jemläýmeli.

Ata Durdy ozalky soýuzyň halk artisti, kyrk ýaşynda Türkmenistanyň Magtymguly adyndaky Halkara baýragyna mynasyp bolan adam. Zähmet ýolunyňam agramly bölegini teatra bagyşlan. Idegine çykyp ýören mahalymyz ol ýazyjy Hydyr Derýaýewiň «Ykbal» romany esasynda surata düşürilýän filmde Seýidahmet işanyň keşbini janlandyrýan eken. Artistiň yzyny çalyp, Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň baş direktory Sona Myradowanyň ýanyna bardyk. Ata aga-da şol teatrda işleýärdi.

Sona bajy bilen ilkinji gezek ýüzbe-ýüz bolşumdy. Annaly Berdi ikisi welin, köne tanyş bolansoňlar, gürrüňleri bada-bat gyzyşyp gitdi. Sona Myradowany daşyndan synlap, altmyş bäş ýaş berer ýaly däldi. Dogumlydy. On sekiz ýaş kiçi bolsa-da, Annaly aga ikisiniň bolşy deň-duş ýalydy.

— Anton jan, sen «Riçardy» näçe wagtda terjime etdiň? — diýip, Sona Myradowa sorady.

— Kyrk günde!

— Dogryňy aýt, şonça wagtda näçeräk kofe içdiň?

— Bir günde üç käse.

— Tüweleme! Sen-ä ýöne, gapdalyňa kofe hatarlap, işledip oturmaly adam ekeniň.

— Ýok, beýle däl, Sona bajy! — diýip, Annaly aga-da öz pikirini öňe sürdi. — Edýän işiň näçe kynam bolsa, seni «alyp gaçmaly» kofäni «yzyndan kowup ýetmek» üçin içmeli.

— Onyň-a dogry — diýip, Sona Myradowa makullady. — Keşp döredeniňde-de şeýle-dä. «Alyp gaçýan» keşp bolmasa, bolanok-da. Ynha, Riçardyň replikasy bir müň setir töweregi. Margaritanyňkam şondan az däl. Oýnadym-a. Haladyň dälmi?

Myhmansöýer, göwnaçyk, güler ýüzli Sona bajynyň bereketli saçagynyň başynda şol gün diňe Ata Durdynyň däl, başga-da kän-kän ussatlaryň «gulagyny şaňlatdyk».

Onuň dramaturgiýa, çeper terjime baradaky pikirleri, bellikleri meniň üçin geňdi. Sungata, edebiýata düşünişi gaty ýokardandy. Ol diňe bir öz oýnan gahrymanlary däl, eýsem, tutuş eser barada, onuň terjimesi barada jedel edip bilýärdi.

Sona Myradowa çagalar öýünde terbiýelenýär. Dogany Suraý aktrisa bolansoň, onuň ýany bilen teatra, artistleriň arasyna barmagy oňa üýtgeşik täsir edýär. Ol uýasynyň döredýän keşpleriniň sözlerini ýat tutup, hereketlerini gaýtalap ugraýar. Bir günem Suraý näsaglap, sahnadaky keşbini ýerine ýetirmegi Sona öz üstüne alýar. Şondanam oba gyzynyň sahnadaky uzak ýoly başlanýar. Ol diňe bir ýurdumyzda däl, onuň çäklerinden daşarda-da meşhurlyga eýe bolýar.

1955-nji ýylda Moskwada Türkmenistanyň edebiýatynyň we sungatynyň ongünlügi geçirilýär. Şonda Mollanepes adyndaky Türkmen döwlet akademiki drama teatrynyň «Derňewçi», «Otello», «Allan aganyň maşgalasy» atly spektakllary moskwaly tomaşaçylara görkezilýär. «Allan aganyň maşgalasyndaky» Bike ejäniň keşbi üçin Sona Myradowa oýny döredijiler bilen bir hatarda SSSR-iň Döwlet baýragyna mynasyp bolýar.

Belli teatr sungatyny öwreniji Ý.Surkow Bike ejäniň keşbini ýerine ýetiren aktrisa barada şeýle diýipdi:

«...Ine, sahnada Sona Myradowa. Göräýmäge, onuň hereketlerinde hiç zat ýok ýaly. Hakykatda welin, tutuş türkmen obasynyň durmuşy sahna çykypdy. Özüniň köpdürlüligi, kaşaňlygy, gaýtalanyp bolmajak aýratynlyklary bilen tutuş Türkmenistan sahna çykypdy. Bu zenanyň gaýgy-aladalary, begenç-şatlyklary, mähirli ýylgyryşy şeýle bir sada, ynandyryjy, sazlaşykly welin, sahnadan durmuşyň özi çogup çykýan ýalydy. Hut şonuň üçinem ol hakyky, uly sungaty döredýär...».

> Sona Myradowa, hatda iň kiçijik keşpleri-de ýatda galarlyk derejede oýnamagy başarýardy. Çünki ol sahnada keşbi ýerine ýetirenokdy-da, şonuň bilen ýaşaýardy.

Munuň özi ussadyň döredijiligine berlen mynasyp bahady. Sona Myradowa, hatda iň kiçijik keşpleri-de ýatda galarlyk derejede oýnamagy başarýardy. Çünki ol sahnada keşbi ýerine ýetirenokdy-da, şonuň bilen ýaşaýardy. Onuň beýikligi aramyzda gezip ýörkä ykrar edilipdi. Ýogsa onuň teatr ugrundan institut derejesinde bilimi-de ýokdy. Pedagogik tehnikumy tamamlan bolsa-da, ol dogabitdi artistdi. Dramaturglar ýörite Sona Myradowa üçin sahna eserlerini ýazypdylar. Onuň oýnan keşplerini görmek üçin diňe bir Aşgabatdan däl, eýsem, ýurdumyzyň dürli künjeklerinden ýöriteläp gelýärdiler. Ömründe teatryň gapysyny açmadyk bir garry enäniň Sona Myradowanyň «Gelinleriň gozgalaňyndaky» Permanbibisini görmek üçin hasasyny süýräp gelenine özümem şaýat. Elbetde, Sona Myradowanyň Permanbibiniň derejesindäki keşpleri köp. Şolaryň diňe käbirini agzap geçäýeliň: «Otelloda» Emiliýa, «Aý tutulan gijesinde» Tehnabike, «Derňewçide» Poşlýopkina...

Türkmenistanyň halk artisti Sona Myradowa aktýorlar maşgalasyndandy. Onuň adamsy Atamyrat Bekmyradow, uýasy Suraý Myradowanyň ýanýoldaşy Kakabaý Durdyýewem tanymal artistdi. Baryp, geçen asyryň otuzynjy ýyllarynda teatra gelen Sona Myradowasyz türkmen teatryny göz öňüne getirmegem kyn. Teatrdan ylham, hyjuw, joşgun alan ussadyň iň soňky döreden keşbi-de ene bolupdy. Şol keşpden soň teatryň sahnasyndan gitse-de, ol türkmen sungatynda hemişelik galdy. Türkmen teatry, ussat aktýorlar barada gürrüň açylsa, Sona Myradowanyň ady ilkinjileriň hatarynda agzalýar.

Hawa, ondan bäri eslije wagt geçipdir. Indi Annaly agadyr Sona bajy-da, olaryň şol gün döredijiligi, adamkärçiligi barada gürrüň eden ussat artist Ata Durdy-da ýatlama öwrülip gitdi...

Çary GELDIMYRADOW,
ýazyjy.

TÜRKMENISTANYŇ PREZIDENTINIŇ «TÜRKMENIŇ ALTYN ASYRY» ATLY BÄSLEŞIGINE

Şygryýet

Täze günler bilen

Säher salam bilen Güni garşylap,
Zähmetde bäsleşseň gündizler bilen.
Agşamlar goşulyp, Aýyň seýline,
Gezseň göz gypyşýan ýyldyzlar bilen.

Gulaga saz edip, guşlaryň sesin,
Sere togap edip, gülleriň ysyn.
Duýsaň ýaşaýyşa Ýeriň höwesin,
Ýagşy umyt bilen, arzuwlar bilen.

Daglar dumanlasa, derýalar joşup,
Mukaddes topraga bereket goşup,
Mydam bir saçagyň başyna üýşüp,
Watan toý toýlasa oguzlar bilen.

Özi nazar salsa gulak asana,
Ykbalyňdan agtarmasaň bahana.
Bu dünýe güldir-le gülüp bakana,
Täze günler bilen — Nowruzlar bilen!

Allamyrat SAZAKOW.

Nowruz gelendir

Güllere beslenýän ba:rly-baglykly,
Gözel ülkämize Nowruz gelendir.
Seýle gelen hüýr deý elwan ýaglykly,
Gözel ülkämize Nowruz gelendir.

Göwnüň galkar ýazyň şypa ýelinden,
Mähriň ganar ter açylan gülünden,
Ybrat alyp täze gelen gelinden,
Bu gözel Diýara Nowruz gelendir.

Kalplary dolduryp ýagşy päl bilen,
Gülüni gowşuryp, aşyk bilbile,
Dowamat-dowamly ajap ýol bilen,
Gözel ülkämize Nowruz gelendir.

Hydyr gezen sähram gül-çemenzarly,
Serçemen baglary almaly-narly,
Öňe barýan Arkadagly Serdarly,
Türkmen ilimize Nowruz gelendir.

Kakajan PIRJANOW.

Nobatguly REJEBOW,
Türkmenistanyň halk ýazyjysy.

Şeýle tämiz güller biter ýazyna,
Yşkdan melul bolup göçer-de kelläň,
Özüňem aňşyrman çöküp dyzyňa,
Ysgarsyň ýolmaga milt edip bilmän.

Maýa ORAZGULYÝEWA.

Baharyň gelşi

Güneş dogar şöhle saçyp,
Haýy gaçar çal dumanyň.
Görüp täze gülüň keşbin,
Dili tutular şemalyň.

Mähriban görüner bar zat,
Gür çybyklar salar saýa.
Bahary garşylan guşlar,
Güsürdeşerler çarpaýa.

Säher seper göwher hünji,
Terje otlaryň ýüzüne.
Ak patrak almalaň güli,
Gaçar akarlaň gözüne.

Hyýallarňa heýjan seper,
Leýlileň ýüpek şelpesi.
Daňlaň gujagyndan geler,
Meýmiredip hüwdiň sesi.

Kalba sygmaz giden barlyk,
(Ýazyk bolar saýramasam).
Ýaz hakdaky ýazjaklarma
Ýaz sözleri saýlamasam!

Täze goşgy

Eý, syýaly ýelek, meniň hossarym,
Saňa durkum bilen hyrydardyryn.
Aý ýöräp gidende asmandan geçip,
Menem onuň bir ýanynda bardyryn.

Eý, hyýaly ýelek, ýelmaýaň münüp,
Kümüşlände ak daň çagyrsam seni.
Özüňi mynasyp garşy almaga,
Jowur kagyz bilen çyragla meni.

Eý, saýaly ýelek, eken bagyňda,
Guşlar şirin saýrap, okasa goşgy.
Güneşiň maňlaýy kakyp gapymy —
Açdyrsa kükesin müň gülüň müşki.

Eý, maýaly ýelek, perwaýsyz bakma,
Yşkymyň höwesi Arşa ýetende.
Hemaýat ber aýdym aýdyp ýörmäge,
Şu mähriban, şu owadan Watanda.

Maýsalygyň içinde...

Ullakan Zemine otlukly bakdym,
Maýsalygyň içinde...
Şu täze namamam şol ýerden tapdym,
Maýsalygyň içinde...

Gögüň mawy gözün synladym bärden,
Bulutlaň şäheri göründi nurdan,
Nepesime geldi bu pikir nirden,
Maýsalygyň içinde...

Diňşirgendim, ülpüldeşdi läleler,
Düşünmedim, diýişdiler nämeler,
Dymdym, ýogsa bilýän arzym käneler,
Maýsalygyň içinde...

Tebigatyň täsin ahwaly ylham,
Akylyň çaşyrýar hem bolýar melhem,
Kim bilýär, men ony görerin, belkem,
Maýsalygyň içinde...

Dünýäsi owadan küýseglem ýaly,
Göýä her gunçasy arzuwdan doly,
Hamana düýnüme duşanym ýaly
Maýsalygyň içinde...

Meni

Günler meni howlukdyrýar,
Howlukdyrýar aýlar meni.
Gijelikler, gündizlikler,
Köp tamakin oýlar meni.

Gunça bary çyzylyşyp,
Yşka meňzäp üzülişip,
Setirlerme düzülişip,
Peýkamy ot ýaýlar meni.

Haýp bilen arman ara,
Aşyk bilen perman ara,
Hyzmatymda derman ara,
Çuwal kitap taýlar meni.

Hyýal önýär basym-basym,
Hijirli okyp kyssasyn,
Goý, meni ýürek gyssasyn,
Bekär şondan paýlar meni.

Waspy dahanymda çyny,
Ýetdik bagta, ýok hiç çeni,
Dereklāp, edip hemdemi,
Söhbet kylýar toýlar meni.

Şükür, iller aman-aman,
Iller bolup biz sag-aman,
Pyragydan gelip salam,
Bar etdi her ýanlar meni.

Zyýarat

Serwim, ýör ikimiz sähra gideli,
Yşk owazyn diňläp saba ýellerde.
Göýä giň düzleriň güldür bilbili,
Juwan ýaşlygmyzyň geçen ýerlerne.

Ter, näzik ýaňaklaň al-al öwüsýär,
Dünýäň şirinligi dodaklaryňda.
Owadan gözleriň şadyýan gülýär,
Yşkymyz möwç urýar bulaklaryňda.

Şemal öpýär başa daňan ýaglygyň
Hem egniňde ýaz reňkli köýnegiň.
Jadylaýjy dünýäsinde ýaşlygyň,
Aýyp däldir ölüp-öçüp söýmegem.

Ýyllar köp zatlary ýadyma salýar,
Gozgaýar kalbymy kümüş ýellerem.
Ak hanaly peller, atyzly meýdan,
Seniň pagta ýygýan akja elleriň.

Al şapaga boýalardy gözýetim,
Säher bilen ugramyzda hem işe.
Gumak ýolda Akbaý atly ak itim,
Hemra bordy biziň bilen hemişe.

Ulugyzlar bardy gülüşip, aýnap,
Degşip, başymyzy sypan bordular.
Sülük barmak bilen daraklap, oýnap,
Buýra saçymyzy bulaşdyrdylar.

Olar bize doganmy ýa dostmudy,
Magşukmydy, özgä göwün bermedik?
Biziň gözel obaň perizatlary
Haýsy öýe gelin boldy? Bilmedik.

Ýetişmedik biz köp zady aýdybam,
Ýyllar süýji düýşe meňzäp geçipdir.
Ýeller ýaýla ýaýyp söýgi aýdymyn,
Ýakynlar ýat bolup gözden uçupdyr.

Heniz ýaşap ýörkäk Ýeriň ýüzünde,
Öçmez söýen ýürekleriň ýalkymy.
Men özümi görýän seniň gözüňde,
Görýän dünýäň iň ullakan bagtyny.

Erkin öwser ak ýaýlanyň ak ýeli,
Güller-de näz bilen atarlar owsun.
Serwim, ýör ikimiz sähra gideli,
Ol mukaddes yşka zyýarat bolsun!

Bäşim ATAÝEW.

«E-S-iň» ARHIWINDEN

Türkmen edebiýatynyň Elbrusy

Men «Nebitdag» romany bilen baglanyşykly iş boýunça Estoniýa gitmeli boldum. Şonda bu romanyň golaýda otuz müň tiraž bilen kitap dükanlaryna ýaýrandygyny eşitdim. Ýörite baramsoň, bu romanyň eston dilindäki neşirinden birki sanysyny alyp gaýtmakçy boldum. Ýöne bize kitaby tapmak başartmady. Eýýäm gutarypdyr. Hernä eston ýazyjylary maňa «Nebitdagyň» iki sanysyny sowgat berdiler.

Şol gün sowgadymy goltugyma gysyp, «Suprus» («Dostluk») kinoteatryna bardym. Görsem, kinoteatryň içindäki kitap tekjesinden alyp, bir goja «Nebitdagy» okap otyr. Men ondan kitabyň nähilidigini, bu ýerde okamasynyň sebäbini soradym. Ol: «Ýetişip bilemok. Biz ýerimizden galýançak, eýýäm gutaraýypdyrlar. Gojalyk «Nebitdagdanam» galdyrdy. Ine, indi üç gündür şu ýere gelip okap gidýärin. Bähbit bolsun, ertir gutararyn» diýdi. Men nätjegimi bilmedim. Ahyram özüme sowgat berlen kitabyň birini bu kitapsöýer, zehinli goja peşgeş berdim.

Hawa, Berdi Kerbabaýew diňe bir meşhur ýazyjy däl-de, uly edebiýatçy, taryhçy hökmünde dünýä edebiýatynyň iň gowy eserlerini terjime etmekde-de köp işleri bitirdi. Ol azerbaýjan ýazyjysy Süleýman Rahymowyň aýdyşy ýaly, «Türkmen edebiýatynyň Elbrusydyr».

Italmaz NURYÝEW,
1967-nji ýyl.

Küşt oýnamaga-da ökdedi...

«Wagtyň salymy ýok» diýleni. Belli artist hem kinorežissýor Alty Garlyýewiň surata düşüren «Aýgytly ädim» atly çeper filmine ilkinji gezek tomaşa edenimiz düýn ýalydy. Görüp otursam, ondan bäri ýarym asyrdan gowrak wagt geçipdir.

Filme tomaşa etmäge gelen obadaşlarymyz Medeniýet öýüne sygmansoň, daşarda ak diwarlyk asdylar. Film diwarlykda peýda bolandan obadaşlarymyz: «Wiý, bu-da Merediň aty», «Ol asyl obadaşymyz ýaly-la» diýip seslendiler. Olaryň göçgünli seslerinden bu filmde obadaşymyz Meret aganyň atynyň hem ýene bir obadaşymyzyň köpçülik sahnalarynda surata düşürilendigini çaklamak bolýardy.

Agam Nurmämmet halypa Alty Garlyýew bilen küşt oýnandygy barada gürrüň berdi. 1970-nji ýyllaryň başlarynda halypa «Deryanyň aňyrsy serhet» atly çeper filmi surata düşürmäge başlaýar. Şol ýyllar agam häzirki Magtymguly adyndaky Türkmen döwlet uniwersitetiniň talyby eken. Filmiň baş gahrymany Ata Myradowyň öz söýgüli gyzy Leýlany onuň jorasyndan soraýan pursaty agam dagynyň ýaşaýan umumyýaşaýyş jaýynyň öňünde düşürilipdir.

Aktýorlaryň özlerine ynanylan keşpleri şowly döretmegi başaranlygyna gönühoş bolan Alty aga olara az salym dynç almaga rugsat beripdir. Ol şonda agam bilen küşt oýnapdyr. Degişgen Alty aga küşt oýnamaga ökde eken. Agamyň birinji derejeli küştçüdigine garamazdan, ony 2:1 hasabynda utupdyr. Ol küşt oýnaýan mahaly her göçümde «Gelsin-eý, Aýjemal» diýip, aýdyma hiňlenipdir. Agam ondan utulanyny aýdymyň belent heňde ýaňlanmagynyň özüniň ünsüni bölmeginden görýärdi. Ol belli artist, kinorežissýor Alty Garlyýewiň belent adamkärçiligine, guýmagursak zehinine uly sarpa goýýardy.

Taganmyrat MÄMIÝEW,
Balkanabat şäherindäki 9-njy orta mekdebiň mugallymy.

Ýaşuly

Garrylyga per bermän,
Duýmaýan deý ýaşyny.
Barha gyzyşyp, derläp,
Nahal ekýär ýaşuly.

Aýdym bilen çykaryp,
Ýüreginiň joşuny.
Dökün berip, suwaryp,
Nahal ekýär ýaşuly.

Agtyklary daşynda,
Öwrenýärler işini.
Mes toprakly atyzda,
Nahal ekýär ýaşuly.

Synladym biraz durup,
Görmek jennet ýagşyny.
Topraga adyn ýazyp,
Nahal ekýär ýaşuly.

Nowruz GÜÝJOW.

AÝLARYŇ SERWERI

Halkymyzda: «Günüň serweri — juma, aýyň serweri — Remezan, ýylyň serweri — goýun, gijäniň serweri — gadyr» diýilýär. Arkadag Serdarly bagtyýar ýaşlar ýylynyň ajaýyp baharynda aýlaryň serweri Remezan aýy ýetip geldi. Bagtyýar çagalaryň aýdýan ýaremezanlary her bir ojaga mukaddes aýyň gelendiginiň buşluknamasy bolup doldy.

> **Remezan aýy sogap sährasynda gögeren bir äpet daragt mysalydyr. Onuň her şahasy, her ýapragy, barly miwesi — sogapdan ýasalandyr. Birini ýolsaň, ýerine onusy dörär.**

Adamlaryň arasynda dost-doganlyk, ynsanperwerlik ýörelgelerini pugtalandyrýan, ýagşylyklaryň ýaýylýan, bu mukaddes aýda berjaý edilýän sogaply işler ata-babalarymyzyň asylly ýörelgelerine berk eýerilýändigini açyk görkezýär. Dana şahyrymyz Magtymguly Pyragynyň: «Ýigrimi tört sagatda, on iki aýda, // Remezan diýerler aýyň ýagşysyn» diýen setirlerinde-de bu aýyň hormaty mese-mälim duýulýar.

Hijri-kamary hasaby boýunça onunjy bolup gelýän Remezan aýy haýyr-sogap gazanmak üçin uly mümkinçilikleri bagyş edýär. Kalbyňda niýet edip, daň ýeriniň agarandan tä Gün ýaşýança iýip-içmekden we ýaramaz pikirlerden daş durmak — agyz beklemek parzdyr. Agyz beklemek Allatagalanyň razylygyny gazanmakdyr.

Oraza tutmagyň ruhy we beden saglygy üçin-de peýdasy uludyr. Onuň beden saglygyňa edýän oňyn täsirlerini lukmançylyk ylmy hem tassyklaýar. Munuň özi ynsany ganda süýjiniň derejesiniň artmagy, damarlaryň gatamagy, ýüregagyry, gan basyşynyň ýokarlanmagy, semizlikden ýaly näsazlyklardan goraýar.

Oraza tutmak adamlaryň kanagatly bolmagyna, nebsine garşy durmak ukybynyň artmagyna-da oňyn täsirini ýetirýär. Gönünе degen adamyndan ötünç sorap, tersleşenleri ýaraşdyran adamlar şu aýda iň köp sogap gazanýar. Bu babatda mukaddes Hadysda şeýle diýilýär: «Oraza bir galkandyr, onda agzy bekli kişi erbet söz aýtmasyn. Özi bilen dawalaşyp gowga çykarmak isleýän kişä iki gezek gaýtalap: «Men orazaly» diýsin».

Berekedi çogup duran mukaddes Oraza aýynda etjek doga-dileglerіňiz, arzuw-isleglerіňiz, berjek agzaçar sadakalaryňyz Hakyň dergähinde kabul bolsun, mähriban watandaşlar!

Bahar GELDIÝEWA,
TYA-nyň Merkezi ylmy kitaphanasynyň Bibliografiýa ylmy-barlag bölüminiň esasy kitaphanaçysy.

MIRAS

HEREKMAÝA

Sag eliň we çep eliň başam barmaklaryny birikdirip, edil şonuň ýaly külbike barmaklaram birikdirip, beýleki barmaklary biri-biriniň içinden geçirip ýatyrsaň, ol çöküp oturan düýä meňzeýär. Oglankak garry enem barmaklaryny şu hili edip şeýle diýerdi:

— Herekmaýa münjekmi?
Çopana çörek eltjekmi?
Öňüňden alaja-mulaja pişik çyksa gorkjakmy, gorkjak däl?

Ol şeýle diýerdi-de, «Wäh» ederdi. Şonda sen gözüňi gyrpsaň: «Gorkduň» diýerdi. Gyrpmasaňam: «Batyrja oglum» diýip söýgülärdi.

Eýsem, herekmaýa näme? Herekmaýa nesli bugradan gaýdyp, ondan inen maýa herekmaýa diýilýär. Herekmaýanyň adaty maýadan tapawudy, onda iki örküç bolýar. Köneler gelnalyjyda herekmaýanyň üstünde kejebe geripdirler. Owadanlyk üçin oňa düýebaşlyk bilen dyzdüwme dakypdyrlar. Ol toýa has-da gelşik beripdir. Boýnunda jaň, dyzynda dyzdüwme, üstünde düýebaşlyk, kejebäniň içinde-de gyzyl kürteli gelin owadan bir dünýäni emele getiripdir. Gelnalyjy gelýärkä şeýle aýdyma hiňlenipdirler:

Dyzdüwmesini dakyp, jaňyn beklänsoň,
Gelni herekmaýa mündürip, işin haklansoň,
«Ýa, Weýis baba!» diýip ýola düşerler.

Şonda herekmaýanyň dyzdüwmesidir jaňy sazlaşyp, täsin bir owazy emele getiripdir.

Dähedem-dessem,
dähedem-dessem, dähedem-dessem...
Düňňür, düňňür, düňňür...

Nepes SAPARNAZAROW,
«Türkmenenergo» korporasiýasynyň «Daşoguzenergo» önümçilik birleşiginiň hünärmeni.

ÇELPEK SYRMAK

Türkmen halkymyz şahandazlygy, sahylygy, myhmansöýerligi bilen tapawutlanýar. Muňa biz ata-babalarymyzdan miras galyp, biziň günlerimize gelip ýeten däp-dessurlarymyzdan, edim-gylymlarymyzdan göz ýetirip bilýäris. Sahylyk, çäksiz ruhubelentlik bilen tutulýan türkmen toýlarynyň şowhunyny artdyrmak maksady bilen dürli däp-dessurlar ýerine ýetirilýär. Toý başlananda saçaklyk taýýarlanylýar. Saçaga bolsa ilki ýukajyk çelpekler salynýar.

Çelpegi ökde gyz-gelinler, gartaşan eneler üýşüp, degişmedir ýomak, läledir ýar-ýar aýdyşyp ýapýarlar. Çelpek bugdaý unundan hamyr edilip, ýukajyk ýaýylyp, bir tarapa gyşardylyp goýlan gazana ýag çalnyp, iki tarapy gyzarandan soň, biri-biriniň üstüne goýulýar. Ýapylyp duran çelpekleriň üstüne toşap çalyp, künji sepilýär. Çelpek ýapylýan şüweleňli pursatlarda ýaş oglanlar, çagalar çelpegi gazandan syryp alyp gaçýarlar. Muňa çelpek syrmak diýilýär. Toý eýesi gazanyndan çelpegini bir saparam «ogurlatmadyk» çelpek ýapýan zenana halat-serpaý edipdir.

Taýýarlan Nartäç DURDYMETOWA,
Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň talyby.

HUMDAN

Geçmişde külalçylyk sungaty bilen meşgullanan pederlerimiz gündelik durmuşda ulanylýan küýzeleriň dürli görnüşlerini ýasapdyrlar. Çig mal üçin ýörite arassa toýunly ýerler saýlanyp alnypdyr. Toýnuň alynjak, bişiriljek, taýýar önümiň saklanyljak ýerleri barada öňünden alada edilipdir. Ýörite küýze bişirilýän humdanlar bolupdyr. Alym-arheologlar ylmy işlerinde olaryň ýasalyş aýratynlyklarynyň bolandygy barada giňişleýin belläp geçýärler.

2005-nji ýylyň güýzünde Lebap welaýatynyň Dänew etrabynyň çäginde ýerleşýän Ödeýdepe arheologiýa ýadygärliginiň 750 metr gündogaryndaky ekin meýdanyndan tapylan humdan Türkmenistanyň Taryhy we medeni ýadygärlikleri goramak, öwrenmek hem-de rejelemek baradaky milli müdirliginiň garamagyndaky «Kerki» taryhy-medeni döwlet goraghanasynyň hünärmenleri tarapyndan öwrenildi. Olar onuň küýze önümlerini bişirmek üçin niýetlenen ojakdygyny anykladylar. Humdan seýrek duş gelýän gymmatlyk bolup, Ödeýdepe galasynda ýaşap geçen ilatyň medeni derejesini öwrenmekde uly ähmiýete eýedir.

Humdanyň daş-töwereginden tapylan dürli ölçegdäki küýze bölekleri geçmişde bu ýerde külalçylygyň ösendigine şaýatlyk edýär.

Häzirki döwürde bu küýze bölekleri ylmy taýdan öwrenilýär we aýawly saklanylýar. Bu asylly işde muzeý işgärleriniň hem goşandy uludyr.

Serdar RAHMANKULOW,
Kerki etrabynyň Taryhy we ülkäni öwreniş muzeýiniň hünärmeni.

SAGLYGA SYGNYP ÝAŞA

Sagdyn bolaýyn diýseňiz...

Hormatly ildeşler, antibiotikleri kabul etmegiň düzgünlerini berk berjaý ediň.

- Antibiotikleri diňe lukmanlaryň görkezmesi boýunça kabul ediň;
- Olary lukmanyň bellän wagtyna, mukdaryna we ulanylyş möhletine görä içiň;

- Antibiotik derman serişdeleri diňe bakteriýalara täsir edýär;
- Dermany 100 ml mukdarda arassa, gazlandyrylmadyk ýyly suw bilen içiň;
- Çaý, kofe, şireli suwlar bilen derman içmek maslahat berilmeýär;
- Derman serişdelerini çagalaryň elýeterinde goýmaň.

Gunça SEÝIDOWA,
Aşgabat şäherindäki 14-nji saglyk öýüniň maşgala lukmany.

Bagt

(Arap tymsaly)

Bir pukara kişi eli boş öýüne dolanyp gelipdir-de: «Bagt, bagt... Hany, nirede bagt? Men-ä bagty göremok!» diýip, ykbalyndan nägile bolup oturypdyr.

Onuň nalyşyny eşiden Ykbal Bagta onuň arzyny diňläp, islegini kanagatlandyrmagy sorapdyr. Bagt Ykbalyň diýşi ýaly, ilki ol pukaranyň arzyny diňläpdir. Soň bolsa oňa elini uzadyp: «Eliňi ber. Gorkma. Men seni bagtly etmäge geldim» diýipdir. Bagt ony al-asmana göterip, uzaklara alyp gidipdir-de, bir gowagyň öňüne getirip:

— Şu gowagyň içinde dünýäniň baýlygy gizlenen. Bar-da ondan geregiňi al. Ýöne çeniňi bilgin. Uzak hem agyr ýoly ýeke özüň geçmeli boljakdygyňy unutma. Eger haltaň ýere degäýse, bar alanyň biderek bolar. Ony ömürlik ýitirersiň. Açgözlük edäýmegin, parasatly bolgun — diýip, gözden gaýyp bolupdyr.

Pukara gowaga girip, gymmat bahaly daşlary, altynlary görüp gözi gamaşypdyr. Ol iň owadan, iň gymmat daşlary saýlap, haltasyny doldurmaga başlapdyr. Birhaýukdan soň, ol agyr haltaly gowagyň daşyna çykypdyr. Biraz ýol geçenden pukara ýadap, uludan demini alypdyr. Tutuş bedenini der basyp, ajy damjalar ýüzünden syrygmaga başlapdyr. Ol halys bolup, haltasyny mundan uzaga äkidip bilmejekdigine düşünipdir. «Ýerde tigirläp gidenim bilen hiç zat bolasy ýok-la» diýip pikir edipdir-de, ýygnan baýlygyna begenip, haltasyny tigirlemäge başlapdyr. Emma öýüniň gapysyna ýetiberende, birden gyzylly halta howa ýaly gözden gaýyp bolupdyr. Pukara howsala düşüp, töweregi agtarypdyr, ýöne haltasyny tapmandyr. Şol wagt onuň ýanyna Bagt gelipdir. Ol pukaranyň bolşuny gaharly synlap durşuna şeýle diýipdir:

— Sen öz bagtyň öňünde-de, öz öňüňde-de özüň günäkär. Seniň asla sabyr-kanagatyň ýok eken. Saňa giden baýlyk hödürleneni bilenem, «öz göterip biljegiňi algyn» diýipdim. Sen bolsa hetdiňden aşdyň. Indi sen ähli zady ýitirdiň. Bolanjaňa şükür ederiň ýaly, goý, bu saňa ullakan sapak bolsun!

Rus dilinden terjime eden Arslan GURBANSÄHEDOW,
Türkmenistanyň Döwlet energetika institutynyň mugallymy.

Esaslandyryjysy — Türkmenistanyň Ministrler Kabineti

EDEBIÝAT WE SUNGAT

TELEFON BELGILERIMIZ:
* Kabulhana: 38-62-17.
* Jogapkär kätip: 38-62-01.
* Bölümler:
* Şygryýet: 38-61-99.
* Kyssa we edebi miras: 38-62-19.
* Medeniýet we sungat: 38-61-96.
* Syýasat: 38-61-87.

Biziň salgymyz: Aşgabat şäheri, Garaşsyzlyk şaýoly — 100, Türkmenbaşynyň erkin döredijilik mekany

Golýazmalar yzyna gaýtarylmaýar, olara jogap we syn berilmeýär.

Bahasy 30 teňňe.

Baş redaktor Ogulmaýsa ALLABERDIÝEWA

4 833001 500097

Gazet 1958-nji ýylyň 5-nji iýulyndan bäri neşir edilýär. Elektron salgymyz: edebiyatwesungat-gazeti@online.tm

Gazeti elektron görnüşde «turkmenmetbugat.gov.tm» we «metbugat.gov.tm» internet sahypalaryndan hem-de «Türkmenmetbugat» mobil goşundysyndan okap bilersiňiz.

Gazetiň asyl nusgasy Hojalyk hasaplaşygyndaky redaksion birleşigiň Kompýuter merkezinde taýýarlanyldy. Indeks 69475. Metbugat merkezinde ofset usulynda çap edildi. Möçberi 2 çap kagyzy. Sany 14 400. Formaty A-2 A-111311
Gazetiň çap edilişiniň hiline Metbugat merkezi jogap berýär. Telefony: 39-95-36.